# Gündogaryñ beýik şahyry

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gündogaryñ beýik şahyry

GÜNDOGARYÑ BEÝIK ŞAHYRY

Epiki poema "Şanamanyň" awtory Abulkasym Mansur Hasan Firdöwsi biziň sebitlerimizde uly meşhurlyga eýedir. Firdöwsi takmynan, 933-nji ýylda Horasanyň gadymy şäheri Tusda daýhan maşgalasynda dünýä inýär. Onuň çagalyk we ýetginjeklik ýyllary barada maglumat ýok diýen ýalydyr. Ol öz döwrüniň gowy bilimini alyp, şol döwrüň edebi dilleri – parsça we arapça suwara gürläp başarypdyr. Firdöwsi ylma aýratyn hormat goýupdyr. Oňa döwürdeşleri çuňňur we giň bilimi üçin, "häkim" ýagny akyldar tahallusyny beripdirler.

Firdöwsi uzak wagtlap Gaznada ýaşap, Soltan Mahmyt Gaznawynyň hyzmatynda bolýar. Ol "Şanamany" hem oňa bagyşlap ýazýar. Onuň mesnewi galybyndaky "Şanama" eposy möçberi boýunça juda uly eserdir. Dürli hasaplamalara görä, Ferdöwsi bu gahrymançylykly eserini ýazmaga ömrüniň 35 ýylyny sarp edipdir. "Şanama" giň we saldamly taryhy eser bolup, adamzat jemgyýeti döränden soň ilkinji patyşa Keýumersiň patyşalyk eden döwri baradaky kyssa bilen başlanýar. Uly göwrümli eseriň gahrymançylykly bölüminde pälwan Zalyň we onuň ogly Rüstemiň gahrymançylygy hem-de olaryň deňsiz-taýsyz güýçleri barada söhbet edilýär. Syýawuş hakyndaky hekaýada bolsa, Watan goragy dabaralandyrylýar.

Şol zamanyň şahyrlarynyň milli düşünjeleriniň ösmegi bilen öz taryhy geçmişine gyzyklanmagy, olara täzeçe çemeleşmäge bolan islegi barha artýar. Şeýlelikde, taryhy rowaýatlaryň doly ýygyndysyny taýýarlamak üçin birnäçe synanyşyklar edilýär, ýöne has uly tutanýerliligi talap edýän bu işiň hötdesinden diňe Abulkasym Firdöwsi gelýär. Ol Eýranyň taryhy rowaýatlaryny dolulygyna şygyr görnüşinde beýan etmeli diýen netijä gelýär. "Şanama" 60 müň beýtden ybarat bolup, Eýranyň 53 hökümdarynyň

patyşalyk eden döwrüni öz içine alýar. Firdöwsiniň özi poemasynyň diňe şalyklar baradadygyny öňe sürse-de, edebiýatçylar awtoryň ulanan çeşmelerine laýyklykda, ony üç sany uly ugra – mifologik, rowaýaty we taryhy şahalara bölýärler. Firdöwsi resmi sasanid taryhy çeşmelerine salgylanyp, patyşalygy Peşdadiler, Keýaniler, Eşkaniler, Sasaniler ýaly 4 hanedanlyga bölýär. “Şanamada” sözüň hakyky manysyndaky juda täsin hyýaly dünýä bar. “Şanama” durşuna gündogar rowaýaty. Hut şonuň üçinem ol gyzykly, göwünlere ganat berýän ajaýyp eserdir.

Beýik şahyr 1020-nji ýylda aradan çykýar. Şahyryň mazaryna 1935-nji ýylda doglan gününiň 1000 ýyllygy mynasybetli kaşaň aramgäh gurulýar.

■ Şahyryň aramgähi abatlanylýar

Eýran Yslam Respublikasynyň habar beriş serişdeleriniň habarlaryna görä, häzirki wagtda Firdöwsiniň aramgähini abatlamak maksady bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Medeni miras, senetçilik we syýahatçylyk guramasy tarapyndan Maşadyň golaýyndaky Tus şäheriniň medeni miras toplumynda iri taslama amala aşyrylýar. Bu taslama Tus şäherinde ýerleşýän Abulkasym Mansur Hasan Firdöwsiniň aramgähini we onuň ýanaşyk ýerindäki 6 gektardan ybarat medeni miras toplumyny öz içine alyp, ýakyn günlerde ulanmaga bermek meýilleşdirilýär.

Aýna ÝOLAMANOWA,
Magtymguly adyndaky TDU-nyň talyby.

Edebi makalalar